# Magtymgula alkyş

Category: Goşgular,Kitapcy,Türkmen dili
написано kitapcy | 23 января, 2025
Magtymgula alkyş MAGTYMGULA ALKYŞ

Ýaz gelende gitdi gyş ayaz bilen,
Ganat ýaýyp geldi guş awaz bilen.
Seslendiler guşlar sähraň içinde,
Magtymgula alkyş, goşgy saz bilen

Magtymguly görgün ulus iliňi,
Aýak dirär gurmaga diliňi.
Utanmasyn ýigit gyzlar dilinden,
Soldurmasyn pudag dagy gülüňi.

Dil namysdyr egri durup bakmasyn,
Aýry dili, dil ujundan oklasyn.
ENE dili, dilim, dilim, dilmesin,
Türkmen sözläp, Türkmen dilin saklasyn.

Tamdyradan ses çykanda aglasyn,
Magtumgulyň gämisinden galmasyn.
Taryhlardan ýapraklary agtaryp,
Geçenlerden, geljekleri barlasyn.

Özgelerden, özge köýnek önmesin,
Gelin-gyzlar köýneginden dänmesin.
Ene watan, Ene toprak adyň bar,
Namys üçin janyň beren dälmi sen?.

Ýazyň isi asla gyşa ýaraşmaz,
Bürgüt awy her bir guşa ýaraşmaz.
Damarlarda birje damja gan bolsa,
Özge däbi, Türkmen kişä ýaraşmaz.

Täzim edip duýgularym seçsedim,
Ýürek-däki dügünleri açsadym.
Toty guş dek, agyz öýkenip sözlemän,

Magtymgulyň myrasyny goçsadym.

«Türkmen ogly» arman galan maksadym,
Sözlük bolup bulutlardan ýagsadym.
Ene dile dilmaç gerek wagtynda,
Türkmen dilň çeşmesinden aksadym.

Mansur TABARI.

« ماغتئم قولا آلقئش »

یاز گه له نده گیتدی قئش آیاز بیله ن
قانات یاییپ گه لدی قوش آواز بیله ن
سه سله ندی له ر قوشلار صحرانگ ایچینده
ماغتئم قولا آلقئش ، قوشغی ساز بیله ن

ماغتئم قولی گؤرگین اولوس ایلینگی
آیاق دیرأر قوراماغا دیلینگی
اوتانماسئن ییگیت قیزلار دیلینده ن
سولدئرماسئن پوداق داقی گولینگی

دیل نامئس دئر اگری دوروپ باقماسئن
آیری دیلی، دیل اوجوندان اوقلاسئن
انه دیلی، دیلیم، دیلیم، دیلمه سین
تورکمه ن سؤزلأپ تورکمه ن دیلین ساقلاسئن

تامدئرادان سه س چئقاندا آغلاسئن
ماغتئم قولینگ گأمی سینده ن قالماسئن
تاریخ لاردان یاپراق لاری آغتارئپ
گه چه ن له رده ن گه لجه ک له ری بارلاسئن

اؤزگه له رده ن اؤزگه کؤینه ک اؤنمه سین
گه لین قیزلار کؤینه گینده ن دأنمه سین
انه واتان، انه توپراق آدئنگ بار
نامئس اوچین جانئن به ره ن دألمی سینگ

یازئنگ ایسی آصلا قئشا یاراشما ز
بورگوت آوی هه ر بیر قوشا یاراشما ز
دامارلاردا بیرجه دامجا قان بولسا
اؤزگه دأ بی تورکمه ن کیشأ یاراشما ز

تاغظیم ادیپ دوویغی لارئمی سه چسه دیم
یوره ک دأ کی دوگون له ری آچسا د ئم
طوطی قوش دک آغز اؤیکه نیپ سؤزله مأن
ماغتئم قولینگ میراثئنی قوچسادئم

« تورکمه ن اوغلی » آرمان قالان ماقصادئم
سؤزلیک بولوپ بولوت لاردان یاغسادئم
انه دیله دیلماچ گه ره ک واغتئندا
تورکمه ن دیلینگ چه شمه سینده ن آقسادئم.

« منصور طبری » Goşgular